***«Merkezi Aziýa — Ýaponiýa» dialogynyň birinji sammitine gatnaşmak üçin Tokioda iş saparynda bolýan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow şu gün, 19-njy dekabrda öňdebaryjy ýapon kompaniýalarynyň ýolbaşçylary bilen işewürlik duşuşygyny geçirdi. «Palace Hotel Tokyo» myhmanhanasynda guralan duşuşyga Türkmen-ýapon ykdysady komitetiniň, «Mitsubishi Corporation», «Sumitomo Corporation», «Komatsu Ltd.», «Toyo Engineering Corporation», «Kawasaki Heavy Industries, Ltd.», «Tokyo Boeki Eurasia Limited», «Mitsubishi Heavy Industries, Ltd.», «Sumitomo Heavy Industries Ltd.», «Tohkemy Corporation», «ITOCHU Corporation» kompaniýalarynyň ýolbaşçylary hem-de wekilleri gatnaşdylar.***

Hormatly Prezidentimiz duşuşygyň başynda türkmen-ýapon ykdysady hyzmatdaşlygyny ösdürmekde möhüm ähmiýete eýe bolan şu duşuşygy guramak başlangyjyny öňe sürendikleri üçin ýapon işewürlerine tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň ýapon kompaniýalary bilen ozal ýola goýlan we özüni oňat tarapdan görkezen hyzmatdaşlygyň görnüşlerini yzygiderli çuňlaşdyrmagy dowam etdirýändigini, şol bir wagtda-da täze, has iri maksatlara ýetmäge ymtylýandygyny aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanda ençeme ýyldan bäri üstünlikli iş alyp barýan ýapon kompaniýalarynyň türkmen ykdysadyýetiniň kuwwatyny artdyrmaga goşýan goşandyna ýokary baha berip, olary agzalan ugurlarda täze maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmäge çagyrdy. Aýratyn-da, öňdebaryjy ugurdaş kompaniýalar bilen suw üpjünçiligi, suwy arassalamak, galyndylary dolandyrmak, «ýaşyl» we wodorod energetikasy, ýapyk aýlanyşykly ykdysadyýete geçmek ýaly ugurlarda hyzmatdaşlyk etmek boýunça anyk teklipler beýan edildi.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 02.02.2026